# Meni saklap bilermiň sen?

Category: Goşgular
написано kitapcy | 26 июня, 2025



**Amitabh BAÇJAN,**
**hindi aktýory**

*Arzuwlary aýa alyp, dolup umytdan jübüler,*
*Ýürekdäki arzuw şudur: gitsem ýagşy at goýuplar.*
*Gün dek ýiti nur saçamok, ýöne, gör, men misli şem deý,*
*Şugla saçýan töwerege, niýetim mälim edip, belkem,*
*Meni saklap bilermiň sen,*
*meni saklap bilermiň sen?*

*Mes ýeriň daragty däl men, derýalaň suwundan ganan,*
*Ölümden ömri sogurdym, men bihasyl ýerde önen,*
*Hem daşa ýazylan ýazgy, yşyk – seň eliňde sönen,*
*Söýlenleriň sanawynda adym ýokdur, bolmazam hem,*
*Meni saklap bilermiň sen,*
*meni saklap bilermiň sen?*

*Bu dünýäde zulum ýokdur, çydap bolmazdan zyýada,*
*Şunça ýakyp-ýandyrsaňam, mydam hak sözdür hyýalda,*
*Derýa-deňizden çuňduryn, çuňňurdyryn juda-juda,*
*Niçe ursaň, daşlasaňam mydam ýagşy dilegli men,*
*Meni saklap bilermiň sen,*
*meni saklap bilermiň sen?*

*Baş egdim, aýaga galdym – egilmek gorkusy gitdi,*

*Men özümi tapdym şeýdip, indi daşda galdy ýitgi,*
*Çykmaz menden nalyş-seda, göräý sen döşümden it-de,*
*Öwrülip hakyky tylla, taplanaryn gaýta has hem,*
*Meni saklap bilermiň sen,*
*meni saklap bilermiň sen?*

***Hindi dilinden terjime eden Ogulbeg NARYÝEWA,***
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***